Mugallymçylyk diňe bir hünär däl, ol bir kesp-kärdir, ýürekden edilýän hyzmatdyr. Mugallymlar jemgyýetiň ösüşiniň sütüni bolup, çagalaryň bilim almasynda, pikirleniş ukybynyň kämilleşmeginde we durmuş ýoluna düşmeginde möhüm orun eýeleýärler.

Her bir ynsan durmuşda öz zehinine we başarnygyna görä degişli hünäriň eýesi bolýar. Heniz çagalyk döwründe ýaşlaryň zehinini we başarnygyny ýüze çykarmak, olaryň gelejekki durmuşda öz ornuny tapmagyny gazanmakda tagallalaryň aglabasy mugallymlaryň paýyna düşýär. Köplenç mugallymyň kyn we göze ilmeýän işleri netijesinde dünýäde zehinli alymlar, lukmanlar, şahyrlar we beýleki ussatlar döreýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer» romanynda: «Mugallym – aýratyn adam. Ol bilim baýlygyny adamlara bagyşlamalydyr. Onsoňam bilim şeýle baýlykdyr, ony ile näçe köp berseň, ol şonça-da artar gider oturar» diýen jümlede hem mugallymçylyk käriniň sarpasy beýan edilýär.

Esasy jogapkärli we hormatly kärleriň biri mugallymçylyk käri bolsa gerek. Taryha ser salsak türkmen halky çaga terbiýesinde mugallyma uly ähmiýet beripdir. Olar özleriniň baldan süýji görýän çagalarynyň terbiýesini öz ömrüni ylym öwretmek ýaly asylly işe bagyş edýän mugallymlara ynanypdyrlar. Sebäbi dürli-dürli pursatlary başdan geçirip, durmuş mekdebinden sapak alyp, baý tejribe toplan mugallymlar ussatlyga ýetýärler. Şeýle ussatlardan bilimdir terbiýe almak bolsa ynsanyň bütin durmuş ýoluny ýagtylandyrýar.

Her bir çaganyň hüý-häsiýetiniň aýrylygyna garamazdan, olar bilen ysnyşykly gatnaşygy ýola goýup bilýän, olaryň her biriniň kalbynda dörän Watana, il-güne bolan söýgüniň goruny tükeniksizlige öwürýän hem elbetde, mugallymdyr. Ol özüniň ähli gujur-gaýratyny okuwçylaryň şahsy çemeleşmelerine, akyl gyzyklanmalaryna, öwrenmek mümkinçiligine we isleglerine esaslanyp, arassa ahlakly şahsyýetiň kemala gelmegine gönükdirýär. Çaganyň durmuş tejribesi näçe baý bolsa, onuň ugurtapyjylygy we akyl ýetirişi şonça-da ýokary bolýar.

Bilesigeliji okuwçylaryň her bir soragyna netijeli jogap bermek, olaryň bilim almaga bolan höwesini has-da artdyrýar. Şeýle hem mugallymyň her bir hereketi, sözleýiş äheňi, özüni alyp baryşy çagalara täsirini ýetirýär. Mekdep okuwçylary elmydama kömege ýetjek, üstünliklerine begenýän we şowsuz bolan ýagdaýlarynda goldaw berýän mugallym bilen aragatnaşyk saklamagyň nähili gyzykly we şatlyklydygyny, şeýle hem mugallymyň duýgudaşlyk edip, bagyşlap, kömek edip biljekdigini duýmalydyr. Emma beýle diýildigi, olaryň islän hereketlerini edip biljekdigi, soňra bolsa eden nädogry hereketleriniň ählisiniň mugallymlar tarapyndan bagyşlanyp bilinjekdigi barada duýguny döretmeli däldir. Çagalaryň mugallyma we mugallymçylyk kärine näderejede hormat goýýandyklaryny, olaryň aglabasynyň, gelejekde haýsy hünäriň eýesi bolmak isleýändikleri barada sowala: «mugallym» diýip jogap bermekleri bilen hem göz ýetirip bolýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Mugallym okuwçysy tarapyndan söýülmelidir. Okuwçylaryna täsir edip bilmek we ikitaraplaýyn gowy gatnaşygy ýola goýmak üçin mugallym söýgüniň hem-de kämilligiň gudratyndan peýdalanmalydyr. Mugallymyň üstünligi esasan okuwçylarynyň üstünlikleri bilen kesgitlenilýär. Şonuň üçin okuwçylar bilen elmydama täze maksatlary kesgitlemeli hem-de bu maksada ýetmek üçin göreşmelidir. Galyberse-de, mugallymlar iň täze habarlar, bilim ösüşleri, tehnologiýalar bilen tanyşmagyň nähili möhümdigini bilmelidirler. Bu maglumatlary okuwçylar bilen paýlaşmak olaryň hem pikirleriniň täzelenip durmagyna ýardam edýär.

**Nargiza ALAMINOWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky**
**mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.01.2026